***Hazaryň türkmen kenarynda ýerleşýän «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda Birleşen Milletler Guramasynyň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan ýurtlar boýunça üçünji maslahatyny we ugurdaş çäreleri guramaçylykly hem-de ýokary derejede geçirmek maksady bilen hormatly Prezidentimiziň 4-nji iýulda sanly ulgam arkaly geçirilen Ministrler Kabinetiniň mejlisinde Karara gol çekmegi we bu iri forumyň ýokary guramaçylyk derejesini üpjün etmek barada tabşyryklary bermegi bu halkara forumyň ýokary derejede geçiriljekdigine şaýatlyk edýär.***

Deňze çykalgasy bolmadyk döwletler öz harytlaryny dünýä bazarlaryna çykarmak üçin kenarýaka döwletlere garaňda has köp çykdajy etmeli bolýarlar. Harytlaryň daşarky bazarlara ugradylmagy we getirilmegi hem uzak wagt talap edýär. Şu nukdaýnazardan, bu forumyň ähmiýeti örän uludyr. Bu halkara maslahat on ýyldan bir gezek geçirilýär.

Maglumat hökmünde belläp geçsek, dünýä ýurtlarynyň 32-si deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler hasaplanýar. Olar, esasan, üç yklymda — Afrikada, Ýewraziýada we Günorta Amerikada ýerleşýär. Şoňa görä-de, halkara hukugyndan ugur alnyp kabul edilen BMG-niň Deňiz kanuny baradaky Konwensiýasynyň onunjy bölümi islendik ýurduň deňze çykmagyny kepillendirýär. Şunda deňizdäki ähli içerki yklymyň gämileriniň beýleki gämiler bilen deň hukuklara eýedigi bellenilip, üstaşyr gatnawyna rugsat berýän ýörite döwletara şertnamalary baglaşmaga ygtyýar berilýär. Halkara kadalara ygrarly bolmak bilen, ýurdumyz ulag ulgamynda netijeli iş alyp barýan halkara guramalaryň biri bolan Halkara Deňiz Guramasy bilen işjeň hyzmatdaşlyk edýär.

Ýurdumyzyň ulag-logistika ulgamyny ösdürmekde taýsyz tagallalary edýän Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak, döwletli işleri mundan beýläk hem rowaç bolsun!

**Ogulnar ORAZMYRADOWA,**
**Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň**
**Halkara gatnaşyklary institutynyň**
**Halkara žurnalistikasy fakultetiniň IV ýyl talyby.**

Все права защищены

save pdf date >>> 25.01.2026